# Durdymuhammet Gurbanow aradan çykdy…

Category: Kitapcy,Taryhda şu gün
написано kitapcy | 26 января, 2025
Durdymuhammet Gurbanow aradan çykdy…




• ***Şu gün – 1-nji fewralda şahyr, žurnalist Durdymuhammet Gurbanow aradan çykdy. Merhuma iman baýlygyny dileýäris.***
◇ **Şahyr hakynda**

Durdymuhammet Gurbanow 1957-nji ýylyñ 13-nji martynda Ahal welaýatynyñ Bäherden etrabynyñ (şol wagtky TSSR-iñ Aşgabat oblastynyñ Bäherden raýony) Garrynohur obasynda doguldy. Maşgalaly, iki ogly we bir gyzy bar.

* * *

Güýçli adam bir-ä görip bolmaýar,
Birem ganym bolýan däldir ejize.
Güýçli adam bir dogansoñ ölmeýär,
Muña mysal Gurbannazar Ezizow.

Güýçli adam güýçlüdigini bilmeýär,

Güýçli adam duýmaýar öz derdini.
Güýçli adam ölenden soñ gülleýär,
Soñ ejizler öwrenýär oñ dersini.

Şahyrlaryñ birje garyş galamy,
Güýçlüdir zarbyndan bir ägirt naýzañ.
Güýçlüler güýçliniñ zarbyndan däl-de,
Käte ölýär maýda sözünden maýdañ… Taryhda şu gün